# Ile peýdaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ile peýdaly ILE PEÝDALY

Ähli gürrüň eserlerden başlandy,
dowam etdi ylham käni hakynda.
Gybata çalymdaş «ýumak» çöşlendi,
«Ylham ummany» we «gämi» hakynda.

«Men Watany söýýän, ýaşaýşy söýýän»,
«Meniň yşgym dagyň garyn eredýä»…
Emma, kimdir biri, ynan-aý,
…duýýan,
şoňa çalymdaşrak eser döredýä».

Gyýylmagyn.
Erbet bolýan dogrusy,
gaty erbet borun, eger ses etseň.
Köpelýändir öýtseň, «sungat ogrusy»,
kämilligi döretmegi bes et sen.

Şondan soňam, garaşyp gör azajyk,
hiç kim hiç zat ýazman oňaýarmyka?!
Ýitäýmäli pikirlerde azaşyp,
sungatyň ösüşi doňaýarmyka?!

Ýok, bu teýene däl, ýaňsylamak däl,
pikirlermi beýan edýärin dogry.
Dogry, ogurlamak ýagşy gylyk däl,
zat tapmasa welin – kösener «ogry».

Kämilligi döredýäňmi – minnetdar,
goý, ol gaýtalansyn, diňlensin ýörsün.
Zeminüsti kämillige ymmatlar
aýdyma öwürsin,
hiňlensin ýörsün.

Golaýrak süýş.
Kemzehinler gülýärler,
şu pikri aýdaýyn eger oňlasaň:
Peýdalanyp, adyň tutman bilýärler,
Sen kim bolýaň,
peýdalanyp bolmasa.

Aşyrmat GARLY. Goşgular